# Tik-Tok

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tik-Tok TIK-TOK




Türkmeniň mukaddes saýýan namysyn,
On epläp üstünden ädäýdiň «TIK-TOK».
Unutdyryp gerçek ýigitleň jynsyn,
Arly gyzlarmyzy nädäýdiň «TIK-TOK».
Süýji dilli gyzlaň agzynda «kalýan»,
Ownan ýigitleriň üstünden gülýäň.
Bizi nädip beýle täsire salýaň,
Adamy sygyr dek idäýdiň «TIK-TOK».

Ahow sizde kaka, dogan bir barmy,
Ýa olaram «gyzym öldi» diý:p ýörmi?

Ýa gulagy kermi, gözleri körmi,
Şol soragdan halys ýadaýdym «TIK-TOK».

Dostyň oýnatgydyr, Şeýtandyr ýaryň,
Barha däliredip barýar humaryň,
Peýdaňam kän welin, goja ýer şaryň,
Paýhasly geljegin gädäýdiň «TIK-TOK».

Kerim HALLY. Goşgular